# Söýmäň meni…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Söýmäň meni… SÖÝMÄÑ MENI…

Suwotylar gysyp goýdy –
Mekgeligi.
Hepdeligi –
geçip gitdi
Ölenleriň,
Görenleriň – yzda galyp
Has-da artyk şükürleri
Duýgularym, pikirlerim
Çekize deý turşap galdy
Boljak boldy…
Barmy çäre?
Içi buzluk gurşap aldy
Gyş nämedir?
Tomus näme?
Girýan boldum.
Bir ýan boldum.
Soňlap yşgy
Hijran geldi. (Olam heser…)
Gerekmidir müňläp goşgy?
Gerekmidir şunça eser?
Söz açmaň hiç bolan hakda,
Boljak hakda,
Durjak çakda.
Goý, dolaýsyn, dolsa damak!
Göwün şonsuz ýamak-ýamak
Söküp ýene berçinlemäň!
Söýgim öldi.
Men ölmedim.
Ýürek, bagrym kerçelemäň!
Haýyş indi, söýmäň meni,
Söýjek diýip parçalamaň!

Ylham GURBANALYÝEW.

2022. Goşgular